# Duman daganda: Gara garga bolsaňam, akja kepderi bolup görün

Category: Kitapcy,Medisina,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duman daganda: Gara garga bolsaňam, akja kepderi bolup görün



- **Gara garga bolsaňam, akja kepderi bolup görün**

Raýonda şeýle wakalar bolýarka, Kasym Kulyýewiç diýen bir doktor raýona işe geldi. Onsoň täze baş wraç hakda il içinde ýagşy gürrüň bary ýaýrap başlady. O gürrüňleri onuň özi ýol tapyp ýaýradýardy.

– Kasym Kulyýewiç diýilýän biri gelenmiş welin, öňki wraçlaryň baryny ompa oturdýa diýýä.

– O ýaman ökde hirurg diýýäler, şeýle bir eli ýeňilmiş welin, şu gün aperas edilen ertir ylgap ýör diýýä.

– Kasym Kulyýewiçi Aşgabatdan ýörite getiripdirler, raýonyň dogtorlaryna iş öwredip bereweri diýip, zordan razy edipdirler.

– Ýogsa, näme?! Ol ho-ow, Aşgabatda prapisir bolup ýörkä, bi tozanly raýonyňy başyna ýapsynmy?!

– Özem zor alymmyş welin, gepleşende edil çaga ýaly mylaýym. Ýüzüňe ýylgyryp, ýöne bolýa, bolýa, diýip dur.
– Ömri uzak bolsun, biz-ä arada bir iş bilen bardyk welin, sapsim başga adam-da.
– Mesge ýaly ýumşak adam ho-ow. Özem Moskwany gutaran dogtor.
– Ony eýýäm Aşgabat yzyna çagyrýarmyş. Bu-da söz berip gelemsoň, üç ýyl işlemän hiç ýana butnajak däl diýipdir.
– Öz-ä zor adam-ow. Gelenden düzgün gowulaşyberdi. Öňler janyň çykyp barýanam bolsa, pylan kagyzyň ýok diýip maňlaýyňdan itýärdiler. Hany, indem şeýdip görsünler. Kasym Kulyýewiç eşitdigi, baý-bo-ow, edil ýöne…
Dogtora janyny ynanýan halk o hakdaky ýagşy gürrüňlere-de şobada ynanýardy.
Kasymyň halk içinde abraýy artyp başlady. Ol işläp başlandan raýonyň adamlaryny, aýratynam ýolbaşçylary ýiti nazaryndan geçiripdi, her kimiň neneňsiräk hörpdäki adamdygyny, kimiň kimler bilen neneňsi gatnaşykdadygyny, iň esasysy hem partiýanyň raýkomynyň birinji sekretary Hekim Hekimowiçiň kimi ýigrenip, kimi halaýandygyny göz astyndan synlap başlapdy. Ol Hekimow bilen ilkinji gezek duşuşanda «Meniň diýýän adamym-a däl ekeni, munuň puly gaty köp görünýär.Ähli zat pula görä çözülýä. Görüberýäs-dä.» diýip oýlanypdy.
Ýöne Pendi raýony ýaşamazça ýer däl, çörekli görünýär. Onsoň Kasym Kulyýewiç «… Gonsaň ýurt bolar» diýilenine eýerip, maşgalasyny göçürip getiräýdi. Olara öňki göçüp giden baş wraçyň ýaşan howlusyny berdiler. Aşgabatdaky giň howly bolsa, Kasym Kulyýewiçiň uly ogly Mahmyda galdy.

* * *

Kasym raýonyň adamlary bilen tiz öwrenişdi gitdi. Käri doktor bolansoň köp adamlar bilen tanyşdy. Kesellände oňly ideg görmedik adamlar doktorlar bilen gatnaşyk açmaga ymtylýardylar. Köpler ony myhmançylyga çagyryp başladylar. Olaryň arasynda «Garaköl» kolhozynyň başlygy Gammar bilen raýonyň baş agronomy Baýry has yhlasly göründi. Kasym bu ikisi bilen ýakyn garyndaş ýaly gatnaşyp ugrady. Ol her kişiniň

dilini tapmaga ökde bolansoň, Gammaryň äwmezek-gönümelräk häsiýetini-de, Baýrynyň oýlanyşykly-seresaply bolşuny-da gözden salmady. Aýratynam, Baýrynyň gaýduwsyz görnüşi Kasym Kulyýewiçe ýarady. «Muny adam etse bolar» diýip içinden oýlanýardy, emma bu pikirini gaty gizlin saklaýardy. Ol Baýrynyň Hekimowy ýigrenýänligini, onuň iş alyp barşyny halamaýandygyny duýýardy. Bir ýygnakda bolsa çykyp gepleýänler «Hekim Hekimowiçiň aýdyşy ýaly…» diýip sözläp durkalar, Baýrynyň orta çykyp, Hekim Hekimowiçi tankytlaýşyny heziller edinip diňledi.

– Ýoldaşlar! Meň bi aýtjak zatlarymyň köpiňize ýaramazlygy-da mümkin. Ýöne işiň hatyrasyna aýdasym gelýä. Soňky wagtlar hünärli işgärleriň, hojalyk ýolbaşçylarynyň goluny baglap goýdular. Ähli meseläni uly-kiçiligine garamazdan raýkom çözýän boldy. Dogrusyny dogry aýdalyň, raýkom diýlen hojalyk ýolbaşçysy dälmikä diýýän. Ol, ozaly bilen, syýasy ýolbaşçylyk etmelidir…

Hekim Hekimowiç zarp bilen turdy.

– Raýkomyň näme işlemelidigini kesgitlemek saňa tabşyrylmandyr. Gowusy, öz işiň hakda aýt. Onsoňam, ýoldaşlar, «Özgäni tankytlasam, özüm ak guş bolaryn» öýtmäň. Bizem çöregi ýeňsämizden iýmeýäris. Kimiň işleýänini, kimiň diňe gep nokatlaýanyny ýagşy bilýändiris – Hekimow oturdy.

Baýry tribunada durşuna Hekimowyň bu şarpygyna sarsmady, durky üýtgemedi, äheňi gowşamady. Şol öňki rahatlygynda sözläp başlady.

– Bagyşlaň, Hekim Hekimowiç, men öz pikirimi aýdyp gutaraýyn. Onsoň şeýle iş stilinde işlenensoň, haýsy hünärmen öz işi hakda aýdyp bilsin. «Tur-otur, kerseň getir» diýlen ýaly. Bizi ýumuş oglanyna öwürdiler-ä. Her gün tabşyryk alýas, esasy işimiz bolsa bir gyrada galyberýä. Eger ýyl ahyrynda plan dolsa ne ýagşy, plan dolmasa, ähli kötek biziň başymyzda. Ynha, geçen ýylyň awgustyndaky waka ähliňiziň ýadyňyzda. Pagta giçkiräkligi sebäpli, ýaprak düşürmäni on gün soňa goýalyň diýsek, ýok, raýkom karar etdi diýip göwnemediler. Ahyrda, näm boldy: bişmedik gozalaryň depesinden derman enterip çüýredip taşladylar, şoňa görä planam dolmady. Soň günäkäri gözläp

ugradylar. Kim günäkär – ýene hünärmenler «günäkär».
Ýoldaşlar, şu zatlary oýlanyşalyň, düzedilmez ýaly zat ýog-a. Onsoňam muny biriniň depesini deşmek üçin aýtmaýanyma düşünýämikäňiz öýdýän.
Hawa, Baýrynyň aýdanyna köpler düşündi, hatda Hekim Hekimowiçem düşündi, emma ýekeje adam hem turup, «Baýrynyň aýdany dogry» diýip bilmedi, dymyp goldanlaryny gowy gördüler ýa-da ony goldap geplemäni ýene bir gezege goýdular. Ýygnak tamamlanyp, adamlar daş çykyp ugranlaryndan hümer mähelle Baýrydan söz açdy.
– Baýrynyň aýdýany gaty dogry.
-Ähli dogry ýol dogrulyga eltýändir öýtmäň.
– Wah, dogry-la weli, hany, dogry söze ýol bamy?!
– Baýryny, ahyr, öz dili alyp ýatarmyka öýdýäň.
– Diňe özüm iş bilýändirin öýdüp, gaty bilimlisireýär-ä.
– Hekim Hekimowiç indi Baýryny şeýle bir uçuryp atar weli, bi jelegaýlarda Baýry atla duşmarsyň.
– Dogrusyny aýtsaň, Baýryny goldamalydyk, ýöne, näme, etjegiňi edip bolýamy?!
– Ala-böle Baýra gerek ýaly, baý, janygyp sözleýär-ä. Lolynyň eşegini suwa ýak-da, muzduny al.
– Şeýde-şeýde halys çüýretdiňiz-le.
– Onda sen orta çykyp, Baýrynyň aýdany dogry diýeňde bolmadymy?!
– Aý, neme-dä.
– Hawa, hemmelerem seň ýaly neme-dä.
– Baýrynyň özüni hojaýyn edäýseň-ä, dünýä düzeler.
– Wah, görüp ýörüs-le, başlyk bolýança hor-hor eden bolýalar. Şo kürsä ýetdikleri derrew üýtgeýärler.
– Näme diýseňizem, Baýry ýigidiň gülüdir. Aýtjak zadyna gowy göz ýetirip sözleýändir.
Baýry bu gürrüleri çalarak eşidip galdy. Ol özüni goldamandyklary üçin bu märekeden gaty görjegini-görmejegini bilmeýän halda çykyp barýardy. Kasym onuň yzyndan ýetip emaý bilen çep golundan tutdy-da bir gyra çekdi.
– Salowmaleýkim, Kasym Kulyýewiç. Sizi-de çagyrdylarmy?
Kasym Kulyýewiç Baýry bilen sessiz elleşdi.

– Bulara medisina gerek däl-ä. Pagta bolsa bolýa. Meni bir kolhoza gözegçi bellediler.
– Aý, ýog-a?
– Hawa, hawa, indiki hepdäni şo taýda geçirmeli diýdiler. Ýör bizde çaýlaşaly.
– Ýadowrak öz-ä.
– Ýadowlygyňy bilip aýdýan-da.
Kasym bu gezek Baýra öňki gezekkilerden has yhlasly hyzmat etdi. Ýeke bir üýtgeşik naharlaryň köplügi bilen hem däl, eýsem agyr hala düşen adama mährem göwünlik berýän ýaly Kasym ýürekdeşlik bilen Baýrynyň göwnünden turdy. Onuň mylarýymlygyna. «Biz ýaly ýetime bolýa-da» diýýän sadalygyna, mydama bir durkuny saklaýşyna Baýrynyň gözi gidýärdi. Üstesine-de, Kasym hiç howluganok. Onuň kellesiniň gyzanyna Baýry heniz duşanok. Ynha, häzirem ol şu günki ýygnagyň gürrüňini edip oturşyna Baýra «Sowukganlyrak bol» diýip maslahat berýär.
– Bu işlerde seresaplyja bolsaň kem däldir, töweregiňe gözläp ýöremeli-dä. Onsoňam birbada aljak bolmaly däl.
– Wah, maňa wezipesi gerek däl-le. Dogry işletseler bolany.
– Hekim Hekimowiç dursa-ha indi iýjegiň taýakdyr. Berk durmasaň, daşyňa adam üýşürmeseň, o nejis, edil aldajy gurt-da. Men-ä ony bir göremde tanadym. Üstesinie-de juda sowatsyz, diňe adamlaň üstüne heňkirmäni bilýä. Baýry, ýüzüň diýip aýtdygym däl, saňa göwnüm ýetensoň şeý diýýän. Onsoňam hiç başyňy sallamagyn.
– Ýok-la.
– Hudaýa şükür, Aşgabatda-da, Moskwada-da özüne göwni ýetýän tanyşlarymyz bar. Şolaryň saňa näzeýilli kömegi derkar bolsa çekinmän göni aýdybergin. Men seň tarapyňda.
– Sag bol, Kasym Kulyýewiç!
– Göz astyndan sypdyrman geziber, gerekli maglumatlary toplaber. – Baýry bu sözleri halamady. «Maglumat toplar ýaly, meniň arza ýazmak niýetim ýog-a. Ýa meni arzaçy hasap edäýdimi-kä?» Kasym Baýrynyň ýüzünden hiç zat aňman sözläberdi
– Her zadyň öz wagty bardyr, wagty ýetse Hekimiňem durmaz, hekemiňem.

– O şeýledir weli… bi hojalyk diýlenini ýumrulara getir-dä. Işe başlan ýylyndan bäri kolhozlar ähli zady gözboýagçylyk edip dolup ugradylar. Kagyz ýüzünde ähli zat bar, hakykatda bolsa sakgalyňy sypap oturmaly. Et planymyzam, ýag planymyzam dolýas, emma hany et, hany ýag? Ine, şuňa janym ýanýa.
– A biziň ugra näme diýersiň?! Soňky on bäş ýylda raýonyň ilaty tas iki esse artypdyr, keselhananyň welin ýekejesem gurulmandyr. Sen et-ýagyň gürrüňini edýäň, bu taýda adamlar keselini bejerdip bilmän ölüp ýatyr. Muňa näme diýjek? Hapaçylyk artyp, wagtynda kömek edilmän ýylda näçe çül-çaga ölýänini bilýänem dälsiň.
– Bilemok.
– Bilmersiňem. Sebäbi o sanlar edil döwlet syry ýaly gizlin saklanýa.
– Dogrudanam, gizlinmi?
– Ýogsam näme?! Çagalar-a aldygyna ölýä, olaram aldygyna gizlemeli. Ine, bolýan zatlar. Näme ikimiziň bilýänimizi Hekim Hekimowiç bilýän däldir öýdýäňmi? Bilip aňyrsyna-da geçýä. Ýöne hiç kim towugyna tok diýmänsoň, gabarylyp ýör.
Menem bir hat taýýarlaýan. Medisinadaky bi bulaşyklaryň baryny görkezdim, nädip düzetmelidiginem ýazdym. Hekim hekimowiçe eltjek. Bolmaz diýse, ahyryna çenli gidişjek. Beýdip, ilaty gyrgyna berib-ä işlejek däl.
Kasym Baýryny ugradansoň, özi köne maşynyny münüp gitdi. Aýnakölde maşynyny buky ýerde goýup, töweregine diň saldy. Maşyndan emaý bilen düşdi-de ýene diňşirgendi. Soň seresap ýöräp baryp belent başly ýylgynyň düýbündäki pürleri, gumy bir ýana syrdy. Klýonka haltany çukurdan sogrup, içinden hat ýazýan maşynka çykaryp, maşynyň kabinasyna eltdi. Hirurglaryň geýýän rezin elligini gaty tiz geýdi-de maşynka üç gat ak kagyz salyp ýazyp başlady: «Pendi raýonynda eden-etdilikleriň sany ýitdi. Birinji sikretar Hekimow hökümdara döndi, öz töweregine parahorlary, gözboýagçylary ýygnap, planlary diňe gözboýagçylyk edip artyk ýazdyryp dolýar. Raýonyň gowy hünärmenleri şeýle zor salmadan soň işden gaçýarlar ýa-da jähenneme urýarlar. Ähli hojalyklardaky galplyklary diňe özüňiz barlap, üstüni açmasaňyz, oblast ýolbaşçylary hem

Hekimowyň tarapyny çalýarlar. Şeýle ýagdaýlar halk içinde nägilelik döredýär. Tiz gelip adalaty dikeldersiňiz diýip umyt edýäris».
Raýonyň galplyga goşulmadyk hünärmenleri.

Kasym bu hatyň birinji nusgasyny, gara kagyzlary düýrläp jübüsine dykdy. Ikinji, üçünji egzemplýarlarynyň bolsa hersini bir bukja salyp dürli adres ýazdy. Soňra maşynkany, elligi eltip ýaňky halta saldy, haltanyň agzyny berk daňyp çukura sokdy-da üstüne gum serdi, ýylgyn pürlerini taşlaşdyryp, bilinmez ýaly etdi. «Bulamak bulan ýaly edendirin weli, enter-pelegiň aýlanmazmyka, Hekimjan?! Näçe gün gabarylarkaň?! Sanaç-sanaç ýeliňi çykarmasam…» Romanlar